“TASSYKLAÝARYN”
**Maýa Kulyýewa adyndaky**
**Türkmen milli konserwatoriýasynyň**
**rektory ____________ R. H. Amangeldiýew**
**“ 31 ” awgust 2022ý**

Alymlar geňeşinde tassyklanyldy
Beýan № 1 , “ 30 ” awgust 2023 ý.

**Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyplarynyň arasynda ýerine ýetirijilik, dirižýorlyk etmek, sazşynaslyk we kompozisiýa hünärleri boýunça “KONSERWATORIÝANYŇ ZEHINLERI – 2023” atly bäsleşigiň**

# DÜZGÜNNAMASY

## 1. Umumy düzgünler:

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan pähim-paýhasly syýasaty, amala aşyrýan il-ýurt bähbitli işleri medeniýet we sungat ulgamynyň hünärmenlerini döredijilikli işlemäge ruhlandyrýar.

“Konserwatoriýanyň zehinleri – 2023” atly bäsleşigiň (mundan beýläk – bäsleşik) Düzgünnamasy bäsleşigiň tertibini we şertlerini kesgitleýär. Bäsleşik Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy (mundan beýläk – konserwatoriýa) tarapyndan yglan edilip, konserwatoriýanyň talyplarynyň arasynda geçiriler.

Bäsleşigiň maksady konserwatoriýanyň talyplarynyň professional derejesini ýokarlandyrmakdan, olaryň ýerine ýetirijilik ukyplaryny baýlaşdyrmakdan hem-de has zehinli ýaşlary ýüze çykarmakdan ybarat.

Bäsleşik 2023-nji ýylyň 20-29 apreli aralygynda geçiriler. Bäsleşigiň tapgyrlarynyň geçiş tertibi 2023-nji ýylyň 19-njy aprelinde yglan ediler.

## 2. Bäsleşigiň geçiş tertibi:

2.1. Bäsleşige aşakda görkezilen ugurlar boýunça Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň 1-5 ýyl talyplary gatnaşyp bilerler.
2.2. Her hünär boýunça bäsleşigiň eminler topary aýratyn düzüler.
2.3. Bäsleşik aşakdaky hünärler boýunça geçiriler:
- Türkmen sazy
- Halk saz gurallary
- Bagşy
- Aýdym sungaty, Opera sungaty
- Kirişli saz gurallary
- Kamera ansambly dersi
- Üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary
- Estrada sungaty
- Fortepiano
- Hor dirižýorlygy, Orkestr dirižýorlygy
- Sazşynaslyk
- Kompozisiýa
- Saz mugallymçylygy

2.4. Bäsleşik iki tapgyrda geçiriler.
2.5. Bäsleşige gatnaşjaklaryň arzalary we beýleki resminamalary 2023-nji ýylyň 13-nji apreline çenli kabul ediler.

### 3. Bäsleşigiň ýeňijileriniň sylaglanyşy:

Ýeňijileri sylaglamak we jemleýji konsert 2023-nji ýylyň 30-njy aprelinde geçiriler.
Bäsleşigiň her hünäri boýunça beriljek ýerleriň sany:

I orun – 1 sany
II orun – 1 sany
III orun – 1 sany

Bäsleşigiň ýeňijileri diplomlar hem-de ýadygärlik sowgatlatlar bilen sylaglanar.

Eminleriň teklibine görä orunlaryň sany üýtgedilip bilner. Şeýle-de, bäsleşikde tapawutlanan gatnaşyjylar hormat haty bilen sylaglanar. Eminler topary mynasyp hasap etmedik ýagdaýynda ýerleri bermän bilerler. Eminleriň çykaran netijeleri gutarnykly bolup, gaýtadan seredilmeýär.

### 4. Bäsleşigiň hünärler boýunça talaplary:

**TÜRKMEN SAZY hünäri boýunça:**

**I tapgyr**

1. Iki sany türkmen halk sazy;
2. Sazandarlykly bir eser.

**II tapgyr**

1. Türkmen halk sazy;
2. Sazandarlykly bir eser.

***Bellik.*** *Birinji tapgyrda ýerine ýetirilen eserler ikinji tapgyrda gaýtalanmaly däl we göwrüm taýdan uly, çylşyrymly bolmalydyr.*

**HALK SAZ GURALLARY hünäri boýunça:**

**Akkordeon saz guraly boýunça**

**I tapgyr**

1. Daşary ýurt kompozitoryň eseri;
2. Türkmen kompozitorlarynyň eseri.

**II tapgyr**

1. Polifoniki eser.

**Plektirli dutar, prima plektrli dutar, bas dutar, çeň, kanun, ud, baglama saz gurallary boýunça:**

**I tapgyr**

1. Daşary ýurt kompozitoryň bir eseri;
2. Türkmen kompozitoryň bir eseri.

**IItapgyr**

1. Uly göwrümli eser.

***Bellik.*** *Birinji tapgyrda ýerine ýetirilen eserler ikinji tapgyrda gaýtalanmaly däl we göwrüm taýdan uly, çylşyrymly bolmalydyr.*

## BAGŞY hünäri boýunça:

**I tapgyr**

1. Mukamçy kompozitoryň döreden aýdymy;
2. Orta çekimli türkmen halk aýdymy;
3. Çekimli şirwan perdeli türkmen halk aýdymy.

**II tapgyr**

1. Mukamçy kompozitoryň döreden aýdymy
2. Iki sany çeküwli türkmen halk aýdymy

***Bellik.*** *Birinji tapgyrda aýdylan aýdymlar ikinji tapgyrda gaýtalanmaly däl.*

## AÝDYM SUNGATY, OPERA SUNGATY hünärleri boýunça:

**I tapgyr**

1. Ýewropa kompozitorlarynyň operalaryndan bir uly göwrümli ariýa.
   *(J.Werdi, J.Puççini, J.Bize, P.Maskani, W.Bellini, Ş.Guno.) XVIII-XIX asyr.*
2. Türkmen kompozitorlarynyň operalaryndan bir uly göwrümli ariýa.
   *(D.Öwezow, W.Muhadow, A.Kuliýew, N.Muhatow, A.Agajykow.)*
3. Rus ýa-da ýewropa kompozitorlarynyň bir romansy.
   *(M.Glinka, A.Borodin, M.Musorgskiý, P.Çaýkowskiý, N.Rimskiý-Korsakow, S.Rahmaninow, Ý.Brams, F.Şubert, R.Şuman, E.Grig, M.Rawel).*

**II tapgyr**

1. Rus ýa-da ýewropa kompozitorlarynyň bir romansy.
   *(M.Glinka, A.Borodin, M.Musorgskiý, P.Çaýkowskiý, N.Rimskiý-Korsakow, S.Rahmaninow, Ý.Brams, F.Şubert, R.Şuman, E.Grig, M.Rawel).*
2. Türkmen kompozitorlarynyň bir romansy.
   *(D.Öwezow, W.Muhadow, N.Halmämmedow.)*
3. Gatnaşyjynyň islegi boýunça bir aýdym.

## ÜFLENIP WE KAKYLYP ÇALYNÝAN SAZ GURALY hünäri boýunça:

**I tapgyr**

1. Türkmen kompozitorynyň bir eseri.
2. Wirtuoz häsiýetli bir pýesa.

**II tapgyr**

1. Uly göwrümli eser (konsert bolan ýagdaýynda I ýa-da II-III bölümleri).

## KIRIŞLI SAZ GURALLARY hünäri boýunça:

**I tapgyr**

1. Wirtuoz häsiýetli bir eser.
2. Kantilena häsiýetli bir eser.

**II tapgyr**

1. Polifoniýa. I.S.Bahyň skripka üçin sonatalaryndan we partitalaryndan (alt, wiolonçel we kontrabas üçin sýuita) iki bölüm.
2. Uly göwrümli eser (konsert bolan ýagdaýynda I ýa-da II-III bölümleri).

**KAMERA ANSAMBYLY** *(duet, trio, kwartet, kwintet)* **dersi boýunça:**

**I tapgyr**

1. Gadymy kompozitorlaryň bir kamera sonatasy ýa-da klassiki mekdebiniň kompozitorlarynyň (Bethowenden öňki döwür) bir eseri (I ýa-da II-III bölümler).

**II tapgyr**

1. Gatnaşyjylaryň islegleri boýunça bir kamera sonatasy (I ýa-da II-III bölümleri, I-II ýa-da III-IV bölümleri,).

**FORTEPIANO hünäri boýunça:**

**I tapgyr**

1. L.W.Bethowen – sonata tutuşlygyna hemme bölümlerini çalmaly. Diňe şu aşakdaky sonatalar çalynmalydäl - №8, №14, №19, №20, №25

2. Bir sany ýokary çeperçilik ussatlykly etýud. (Şopen, List, Debýussi, Skrýabin, Rahmaninas)

*Bellik. Hemme eserler täze 2022-2023-nji okuw ýylynda öwrenilen bolmaly. Diňe Bethowenyň sonatalaryndan öň çalynan 1(bir) bölümi gaýtalanyp bilner.*
*Çalynyş wagty 20-25 min.*

**II tapgyr**

1. Romantik kompozitorlaryň sonatasy (tutuş hemme bölümleri),konserti (tutuş hemme bölümleri) ýa-da sikl toplumlary. (Ýewropa, Rus romantik kompozitorlardan 1 sany eser)
2. Şu aşakdakylardan saýlama 1 sany türkmen eser:

a) A.Kulyýew - sonata (haýsam bolsa 1 sany bölüm)
b) Ç.Nurymow – "teke nagyşlary" – içinden 2 ýa-da 3 sany pýesa.
c) N.Hojamuhammedow – "Prelýudiýalar"-1 sany pýesa.

*Bellik. Hemme eserler täze 2022-2023-nji okuw ýylynda öwrenilen eser bolmaly. Diňe romantiki sonatadan ýa-da konsertden bir bölüm öň ýerine ýetirilen bolup gaýtalanyp bilner. Çalynyş wagty 30-40 min.*

**HOR DIRIŽÝORLYGY, ORKESTR DIRIŽÝORLYGY hünärleri boýunça:**

**I tapgyr**

1. Orta çylşyrymlylykdaky bir eser.

**II tapgyr**

1. Türkmen ýa-da daşary ýurt kompozitorynyň bir uly göwrümli eseri.
2. Bir Akapella eseri.

## SAZŞYNASLYK hünäri boýunça:

**I tapgyr**

1. Türkmen sazynyň şeýle hem dünýä saz medeniýetiniň taryhyna we nazaryýetine degişli bolan islendik temada prezentasiýa bilen ylmy çykyş etmek. Umumy çykyşyň dowamlygy 7-10 minut bolmaly.

**II tapgyr**

2. Emin agzalary tarapyndan saýlanyp berlen eser boýunça ESSE ýazmak. Eseriň göwrümi kompýuterde ýazylan görnüşde 2 sahypadan az bolmaly däl (şrift: Times new Roman-14, setirara int.:1,5 ).

***Bellik:*** *Çykyşda talybyň dil kämilligi, çykyşyň wajyplygy, saýlanyp alnan tema ylmy taýdan taýýarlygy, berlen goşmaça soraglara jogap berişi göz öňünde tutulýar.*

## KOMPOZISIÝA hünäri boýunça:

**I tapgyr**

1. Gatnaşyjylar iki eser hödürlemeli. Hüdürlenilýän eserleriň biri kamera-instrumental žanrynda we beýlekisi wokal žanrna degişli bolmaly. Bu tapgyrda eserleriň audio ýazgylary diňlenilýär we mynasyp eserler indiki tapgyra geçirilýär.

**II tapgyr**

1. Tapgyra saýlanylyp alnan eserler sazandalar tarapyndan janly ýerine ýetirilmeli. Eserleriň iň gowulary degişli orunlara hödürlenilýär.

***Bellik:*** *Bäsleşige hödürlenjek eserleriň nota ýazgylary (klawir ýa-da partitura)* 3 nusgada *resminamalar bilen bile guramaçylyk toparyna tabşyrylýar.*

## SAZ MUGALLYMÇYLYGY hünäri boýunça:

**I tapgyr**

1. Bir uly göwrümli eseri sazandar bilen ýatdan dirižýorlyk etmek.
2. Mekdep repertuaryndan bir aýdymy özüniň sazandarlyk etmeginde ýatdan ýerine ýetirmek.

**II tapgyr**

1. Bir uly göwrümli eseri sazandar bilen ýatdan dirižýorlyk etmek.
2. Mekdep repertuaryndan bir aýdymy özüniň sazandarlyk etmeginde ýatdan ýerine ýetirmek.

***Bellik.*** *Birinji tapgyrda ýerine ýetirilen eserler ikinji tapgyrda gaýtalanmaly däl we göwrüm taýdan uly, çylşyrymly bolmalydyr.*

## ESTRADA SUNGATY hünäri boýunça:

**Aýdym aýtmak boýunça:**

**I tapgyr**

1. Türkmen operalaryndan bir ariýa;
2. Türkmen bir estrada aýdymy;
3. Häzirki zaman daşary ýurt bir estrada aýdymy (iňlis, italýan, fransuz, ispan we beýlekiler).

**II tapgyr**

1. Goňşy döwletleriniň bir estrada aýdymy ( özbek, äzerbeýjan, türk, eýran we beýlekiler) .
2. Bije boýunça ýerine ýetirilýär eserler;

- Tenor sesi üçin : Ç.Nurymow "Armanym galdy" , R.Rejepow "Ýalňyz ýoda" , N.Halmämmedow " Gyz";
- Bariton sesi üçin: R.Rejepow "Humaý gözli", N.Halmämmedow "Türkmen sährasy", D.Hydyrow "Şadyýan gün ".
- Soprano sesi üçin : D.Hydyrow "Bagyş et maňa ", B.Hudaýnazarow "Çalsana,bagşy", H.Allanurow "Enejan".

**Saz guralynda ýerine ýetirijilik boýunça:**

**I tapgyr**

1. Türkmen kompozitoryň bir eseri.
2. Wirtuoz häsiýetli, tehniki çylşyrymly bir eser.
3. Bir kantilena häsiýetli eser

**II tapgyr**

***Garmoniki sifrowkalar:***

1. 4/4 T-S | $D_7$–T | VI –IV | $K6_4$ –$D_7$ | VI –II | VII $^{g}{}_{7}$ –T | III – S | $D_7$–T | |

2. 4/4 t –D | VI- S | $II6_5$ – II 6 $_5{}^{g}$ | $K6_4$–$D_7$ | t -$t_6$ | III-S | $D6_4$ – $K6_4$ | $D_7$ – t | |

**Bellik:** *sifrowkalar bije boýunça saýlanyp, improwizasiýa usulynda ýerine ýetirilmeli.*

Bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirýän talyplar arzalaryny tnconservatory@gmal.com elektron poçta salgysyna ibermeli.

**Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyplarynyň arasynda ýerine ýetirijilik, dirižýorlyk etmek, sazşynaslyk we kompozisiýa ugurlary boýunça "KONSERWATORIÝANYŇ ZEHINLERI _2023" atly bäsleşige**

**ARZA**

F.A.A.:______________________________________________

______________________________________________

Doglan ýyly we ýeri:______________________________________________

Okaýan hünäri, ýyly: ______________________________________________

Goşmaça maglumatlar:______________________________________________

______________________________________________

## ÝERINE ÝETIRJEK ESERLERINIŇ MAKSATNAMASY:

**I tapgyr üçin:**

| t/b | **Eseriň awtory** (doly ýazmaly) | **Eseriň ady** (doly ýazmaly) | **Hünär mugallymy** | **Konsertmeýsteri** |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |
| 2. | | | | |
| 3. | | | | |
| 4. | | | | |
| 5. | | | | |

**II tapgyr üçin:**

| t/b | **Eseriň awtory** (doly ýazmaly) | **Eseriň ady** (doly ýazmaly) | **Hünär mugallymy** | **Konsertmeýsteriň ady, familiýasy**(doly ýazmaly) |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |
| 2. | | | | |
| 3. | | | | |
| 4. | | | | |
| 5. | | | | |

Goly:____________________ Sene: ____________________